# Türkmenlere köp salam

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Türkmenlere köp salam TÜRKMENLERE KÖP SALAM!

Oguz atañ nesilleri türkmenler,
Gan garyndaş türkmenlere köp salam!
Agras başly asyllydyr türkmenler
Gan garyndaş türkmenlere köp salam!

Watan diýip ahy-zary çekenler,
Din-iman hem namys üçin çykanlar,
Eýran, Owgan, Päkistany açanlar,
Gan garyndaş türkmenlere köp salam!

Aýal, oglan-uşak uly hem kiçi,
Ar bilen namysdan doludyr içi,
Watany küýsemek her zatdan ajy,
Gan garyndaş türkmenlere köp salam!

Ärsary bar, hem Ýomut bar, Saryk bar,
Salyr bardyr hem Saýat bar, Ýazyr bar,
Eýmir, Çowdur hem-de Gökleñ häzir bar,
Gan garyndaş türkmenlere köp salam!

Meniñ aslym sorasañyz Teke’den,
Salam iberýärin garşy ýakadan,
Hany indi ýer ýüzüni añk eden,
Gan garyndaş türkmenlere köp salam!

Bir wagtlar ady dünya dolupdyr,
Haýbatyndan iller toba gelipdir,
Anadoly, Şamy hem Bagdady alypdyr,
Gan garyndaş türkmenlere köp salam!

Älem içre türkmen ady gezipdir,
Ymam Agzam mezhebinden süzüpdir,
Alymlaryn hatar-hatar düzüpdir,

Gan garyndaş türkmenlere köp salam!

Gorkut ata, Salyr Gazan är bolan,
Dini yslam mydam bize ýar bolan,
Wtanlaryn bir görmäge zar bolan,
Gan garyndaş türkmenlere köp salam!

Ärsary babany, Keýmir atany,
Müñgyşlakda boldy olañ watany ,
Sizden uzur dileýän, geçeweriň hatamy,
Gan garyndaş türkmenlere köp salam!

Owwalam bir Tañra ynanyp gelen,
«Otparaz » diýdiler, barysy ýalan,
Yslam dinin hak bilip dessine alan,
Gan garyndaş türkmenlere köp salam!

Resulullah ilçisini ugratdy,
İlçi gelip han'a habaryn gatdy,
Han pikrin jemläp başyny atdy,
Dine giren türkmenlere köp salam!

Pygamberimiz «türk-i iman «diýdiler,
Öz ummatyndan bizi biri saýdylar,
Şondan soñra «türkmen «adyn goýdular,
Şol musulman türkmenlere köp salam!

Çagry beg, Togrul beg, Seljuk baýyñ agtygy,
Dañdanakan söweşinde synap bagtyny,
Mesut şany ýeñip gurdy tagtyny,
Gan garyndaş türkmenlere köp salam!

Adalatly bolup yslam dünýäsin,
Şeýdip tutdular Seljuk binýadyn,
Beýik Allah gorady olañ zürýadyn,
Gan garyndaş türkmenlere köp salam!

Yslamyýaýradyp her ýan gezdiler,
«Seljukly «diýip uly döwlet düzdüler,

Käfirleriñoýunlaryn bozdular,
Atam -babam türkmenlere köp salam!

Alp Arslan ulalyp şa tagta geçdi,
Ençeme türkmenler yzyna düşdi,
Malazgirtde Anadolyñ ýoluny açdy,
Gan garyndaş türkmenlere köp salam!

Göçdüler gitdiler ençe ýurdy aldylar,
PYGAMBERIŇ buýrugyn ýerne saldylar,
Yslamyñ baýdagyn her ýerlerde goýdular,
Şol garyndaş türkmenlere köp salam!

Gaýylardan döräp batyr Ärtogrul,
Sen onuñ eden işlerin görgül,
Söwütlide öý tutdy habaryn bergil,
Şol garyndaş türkmenlere köp salam!

Osman gazy diýip doldy ile atlary,
Adalatly çözüpdirdir barça zatlary,
Ýagşylykda ýatlalyñ beýle Zatlary,
Şol garyndaş türkmenlere köp salam!

Jahanda bir ajaýyp döwlet gurdular,
Alty ýüz ýigrimi dört yıl ömür sürdüler,
Hak din bolan yslama arka durdular,
Şol garyndaş türkmenlere köp salam!

Magtymguly atamyz wspyny etdi,
«Döwlet i aly » diýip adyny tutdy,
Müñ dokuz ýüz ýigrim üçde ömürü bitdi,
Gan garyndaş türkmenlere köp salam!

Salaheddin Eýýuby soltanlyk gurdy,
Haçparazlañ önünde döş gerip durdy,
Azat eýläp aldy mukaddes ýurdy,
Şol musulman türkmenlere köp salam!

Teýmir agsak diýip bir zat döredi,

Uruş edip gezdi, köp halky gyrdy,
Tekeler hem önünde döş gerip durdy,
Gan garyndaş türkmenlere köp salam!

Zalym agsak goşun süýräp geldiler,
Tekeler hem uruşmagy göze aldylar,
Atyşdylar, çapyşdylar asgyn geldiler,
Atam -babam türkmenlere köp salam!

Zalym agsak goýmady, iki-ýekäni,
Taklamekan mekan çölüne sürdi Tekäni,
Ençe ýyllap görmediler watany ,
Ata-baba türkmenlere köp salam!

Onda munda ýaşadylar ençe ýyl,
Üç ýüzmidir bilemedim, gezdi şonça ýyl,
Watanynyñ zaryny çekdi barça il,
Gan garyndaş türkmenlere köp salam!

Owganystan ilinde, Antguýy oýunda,
Keýmir agam doguldy, Hojanepes öýünde,
Gutladylar bäbeği, pişme seçip toýunda,
Atam -babam türkmenlere köp salam!

Serdar bolup ýetişdi, Keýmir atam ulalyp,
Ady illere doldy deñ-duşundan saýlanyp,
Ganym bilen söweşdi aýlanyp hem dolanyp,
Şol garyndaş türkmenlere köp salam!

Was düzlügi, Mañgyşlak, Balkan dagyñ degresi,
Nedir şaga oýun saldy, Keýmir körüñ egrisi,
Diñe HAK’a aýandyr, bu işleriñ dogrusy,
Külli mü’min musulmana köp salam!

Şu ýerde meniñem gutarýar sözüm,
Utamyş, Bagşy, Daşaýak özüm,
Ýatlasam ýaşdan dolýandyr gözüm,
Gökdepäniñ şehitlerne köp salam!